TÜRKMENISTANYŇ SAGLYGY GORAÝYŞ
WE DERMAN SENAGATY
MINISTRLIGI

# BUÝRUK

**„Maşgala ýörelgesi boýunça
ilata edilýän Saglygy goraýyş hyzmatlarynyň
hilini ýokarlandyrmak barada”**

**№115.**

**08. 08. 2002 ýyl.**

Aşgabat 2002 ý.

Ýörite www.saglyk.info üçin

# BUÝRUK

**№115** **08.08.2002 ý.**

**„Maşgala ýörelgesi boýunça ilata edilýän Saglygy goraýyş hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmak barada"**

Türkmenistanyň Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň "Türkmenistanda durmuş-ykdysady özgertmeleriň 2010-njy ýyla çenli döwür üçin baş ugry" Milli maksatnamasyny durmuşa geçirmek we kabul edilen "Saglyk" maksatnamasynyň esasy meselesi bolan saglygy goraýşyň maşgala ýörelgesi şertlerinde bejeriş-keseliň öňüni alyş hyzmatynyň hilini ýokarlandyrmak maksady bilen:

**Tassyklaýaryn :**

1.1. Maşgala lukmanynyň düzgünnamasyny (1-nji goşundy);
1.2. Maşgala feldşeriniň düzgünnamasyny (2-nji goşundy);
1.3. Maşgala şepagat uýasynyň (doganynyň) düzgünnamasyny (3-nji goşundy);
1.4. Maşgala lukmanynyň we feldşeriniň torbasynda gaýra-goýulmasyz kömegini bermek üçin derman, daňy serişdeleriň we saglygy goraýyş enjamlaryň sanawyny (4-nji goşundy);
1.5. Maşgala lukmanynyň hem-de maşgala feldşeriniň berkidilen ilatyň arasynda öz işlerini amala aşyrmak üçin gollanmany (5-nji goşundy);
1.6. Maşgala şepagat uýasynyň (doganynyň) berkidilen ilatyň arasynda öz işlerini amala aşyrmak üçin gollanmany (6-njy goşundy);
1.7. Şäherçeleriň, etrapçalaryň ilatyň köpçülikleýin ýaşaýan ýerlerinde maşgala lukmanynyň saglygy goraýyş nokadynyň gurluşyny (7-nji goşundy).

**B U Ý U R Ý A R Y N :**

1. Ministriň orunbasary, Aşgabat şäheriniň Saglygy goraýşy dolandyryjy guramasynyň başlygy-A.A. Nazarowa, welaýatlaryň Saglygy goraýşy dolandyryjy guramasynyň başlyklaryna (Ahal welaýatynyň - D.J. Babaýewe, Daşoguz welaýatynyň - H.G. Ýazdurdyýewe, Lebap welaýatynyň - A.A. Artykowa, Mary welaýatynyň - A.Ç. Gaýypowa, Balkan welaýatynyň Saglygy goraýşy dolandyryjy guramasynyň başlygyň wezipesini ýe.ýe. - A.K. Abaşewe) we düzüminde maşgala bölümleri bar bolan Merkezi Saglygy goraýyş edaralarynyň ýolbaşçylaryna:
1.1. Ýerlerde maşgala lukmanlary, maşgala feldşerleri we maşgala şepagat uýalary (doganlary) tarapyndan şu buýruk bilen tassyklanan düzgünnamalaryň we gollanmalaryň ýerine ýetirilişine berk gözegçilik etmeli;
1.2. Ilatyň arasynda maşgala ýörelgesi boýunça keseliň öňüni alyş, bejeriş çäreleri geçirmekligiň guramaçylygyny we hilini ýokarlandyrmaly;



Ýörite www.saglyk.info üçin

1.3. Maşgala lukmanlaryna, maşgala feldşerlerine we maşgala şepagat uýalaryna (doganlaryna) berkidilen ilatyň sanyny 1000 hasaplamaly, her artan 100 raýat sanyna wezipe zähmet hakyna 5% möçberinde goşmaça tölemeli;
1.4. Maşgala lukmanlaryny, maşgala feldşerlerini we maşgala şepagat uýalaryny (doganlaryny) şertnama esasynda işe kabul etmeli;
1.5. Şäherçelerde, etrapçalarda ilatyň köpçülikleýin ýaşaýan ýerlerinde (köp gatly ýaşaýyş jaýlarda) ilata ilkinji saglygy goraýyş kömegini öz wagtynda we bokdençsiz üpjün etmek üçin ýerli häkimlik bilen bilelikde maşgala lukmanynyň saglygy goraýyş nokadyny döretmeklige ýardam bermeli.
2. Özgertmeleri seljeriş we kadalaşdyryş bölüminiň başlygynyň wezipesini ýe.ýe. - S.A.Akgaýewe:
2.1. Ýerlerde maşgala lukmanlary, maşgala feldşerleri we maşgala şepagat uýalary (doganlary) tarapyndan şu buýruk bilen tassyklanan düzgünnamalaryň hem-de gollanmalaryň doly ýerine ýetirilişine iş saparlary arkaly yzygiderli gözegçilik etmeli we guramaçylyk usulýet kömegini bermeli;
2.2. Her çärýekde maşgala ýörelgesi boýunça alnyp barylýan işleriň netijelerine seljeriş işlerini geçirmeli we maglumatlary taýýarlamaly;
2.3. Aşgabat şäheriniň "Maşgala lukmanlarynyň, feldşerleriniň we şepagat uýalarynyň hünäri kämilleşdiriş merkezi" bilen bilelikde halkara guramalaryň öňdebaryjy tejribelerini öwrenmeli we amatly ugurlaryny ornaşdyrmakda işleri geçirmeli.
3. „Türkmenfarmasiýa" birleşiginiň direktory – B. Meýmanowa:
3.1. Şu buýrugyň tassyklanan düzgünnamasy esasynda maşgala lukmanynyň we feldşeriniň torbasynda gaýra-goýulmasyz kömegini bermek üçin derman we daňy serişdelerini Sanawa laýyklykda (4-nji goşundy) üpjün etmeli.
4. „Türkmenmedtehnika" önümçilik birleşiginiň direktorynyň wezipesini ýe.ýe. – S. S. Amanowa:
4.1. Şu buýrugyň tassyklanan düzgünnamasy esasynda maşgala lukmanynyň we feldşeriniň torbasynda gaýra-goýulmasyz kömegini bermek üçin niýetlenilen enjamlaryny Sanawa laýyklykda (4-nji goşundy) üpjün etmeli.
5. Türkmen Döwlet Lukmançylyk Institutynyň rektory – K.Hojanepesowa we Aşgabat şäheriniň I.Gandi adyndaky, Türkmenbaşy, Gurbansoltan eje adyndaky Daşoguz, Turkmenabat, Türkmenistanyň Prezidenti S.A.Nyýazow adyndaky Mary Lukmançylyk mekdepleriniň direktorlaryna – A.S.Gurbanowa, B.D. Durdymämmedowe, A.Ý. Taganowa, O.A. Atajanowa, H.A. Atdaýewe:
5.1. Maşgala lukmanlaryny, maşgala şepagat uýalaryny (doganlaryny) taýýarlamakda diplomdan öňki we soňky (maşgala feldşerini - diplomdan soňky) geçirilýän okuw maksatnamalara tassyklanan düzgünnama we gollanma esasynda üýtgetmeleri girizmeli;
5.2. Maşgala lukmanlaryna, maşgala feldşerlerine we maşgala şepagat uýalaryna (doganyna) sapak berýän kafedralar düzgünnamalaryň, gollanmalaryň taslamalaryny işläp düzmeli we TSG we DS Ministrliginiň garamagyna tabşyrmaly.
6. Milli saglyk Merkeziniň başlygy R.Geldiýewe:
6.1. Şu buýrugyň tassyklanan düzgünnamalary we gollanmalary barada köpçülikleýin habar beriş serişdeleri arkaly ilatyň arasynda düşündiriş işini giňden alyp barmaly.
7. Okuw jaýlary, ylym we işgärler bölüminiň başlygy - Ç. Mämmetgulyýewe:



Ýörite www.saglyk.info üçin

7.1. Maşgala lukmanlarynyň, maşgala feldşerleriniň we maşgala şepagat uýalarynyň (doganynyň) diplomdan soňky kämillik derejesini ýokarlandyrmakda okuw maksatnamalaryň geçirilişine gözegçilik etmeli;

7.2. Şu buýrugy Ministrligiň garamagyndaky edaralaryň, kärhanalaryň we guramalaryň ýolbaşçylarynyň dykgatyna ýetirmeli;

7.3. Merkezi keseliň öňüni alyş edaralary bilen bilelikde maşgala lukmanlary, maşgala feldşerleri we maşgala şepagat uýalary (dogany) üçin Merkeziň ugurlary boýunça gollanmalaryň taýýarlanmagyny gazanmaly.

8. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň 1997-nji ýylyň 31-nji martynda kabul eden 55-nji belgili «Ilata maşgala ýörelgesi boýunça ilkinji saglygy goraýyş kömegini bermekligiň gurnalyşyny kämilleşdirmek baradaky» buýrugy öz güýjüni ýitiren diýip hasaplamaly.

Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine gözegçiligi Ministriň orunbasary B.Sopyýewe tabşyrmaly.

**MINISTR** **G.M. BERDIMUHAMMEDOW.**



Ýörite www.saglyk.info üçin

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we
derman senagaty ministrliginiň
"08" 08 2002.ý. № 115 buýrugyna
1-nji goşundy .

**Maşgala lukmanynyň**
**Düzgünnamasy.**

1. Maşgala lukmany - ýokary saglygy goraýyş bilimli we köpugurly ilkinji bejeriş keseliň öňüni alyş kömegini bermegi başarýan lukman bolmalydyr.
2. Maşgala lukmany wezipesine – „maşgala lukmany" hünäri boýunça Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi (TSG we DSM-gi) tarapyndan tassyklanyp, hereket edýän okuw maksatnamasyny özleşdiren hünärmen bellenilýär.
3. Maşgala lukmany öz işini Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň, Türkmenistanyň Mejlisiniň, Türkmenistanyň Prezidentiniň hukuknamalarynyň, TSG we DSM-niň buýruklarynyň, görkezmeleriniň hem-de şu düzgünnamanyň esasynda saglygy goraýyş edarasynda (Saglyk öýinde) amala aşyrýar.
4. Maşgala lukmanynyň işi keseliň öňüni alyş, bejeriş, ilatyň saglygyny goramaga we raýatlaryň ömrüniň dowamlygyny uzaltmaga gönükdirilendir.
5. Maşgala lukmany saglygy goraýyş kömegini özbaşdak ýa-da gerek bolan halatlarda inçe hünärmenler bilen bilelikde amala aşyrýar.
6. Maşgala lukmany berkidilen ilatyna kabul ediş otagynda hem-de öý şertlerinde (öýüne baryp) gaýra-goýulmasyz kömegini, keseliň öňüni alyş, anyklaýyş, bejeriş we dikeldiş çäreleri geçirýär hem-de saglygy goraýyş-durmuş meselelerini çözmäge ýardam edýär.
7. Maşgala lukmanyna berkidilmeli ilatyň sany 1000 adamdan ybaratdyr, ýöne käbir ýagdaýlarda bolsa 1500 çenli ýetirilip biliner.
8. Maşgala lukmanynyň zähmet haky Türkmenistanyň zähmet hakyndaky kanunlar jemkanuny laýyklykda kesgitlenýär. Onuň möçberi - berkidilen ilatynyň sanyna we kämillik derejesine görä kesgitlenýär.
9. Eger-de berkidilen ilatynyň arasynda: çaga ölümi, ene ölümi, inçekeseliň, çiş keseliň ötüşen görnüşi, dogabitdi merezýel, dogabitdi gonoblenoreýa ýüze çyksa, reanimasiýa bölümine 14 ýaşyna çenli näsag çaga düşse, keselleriň öňüni alyş sanjymlary ýerine ýetirilmese, ilat tarapyndan arza-şikaýat düşse we bu hadysalaryň ýüze çykmagynda maşgala lukmanynyň goýberen kemçilikleri subut edilse, onda Saglyk öýiniň ýolbaşçysy tarapyndan maşgala lukmany tertip-nyzam jogapkärçiligine çekilýär.
10. Kämillik derejeli maşgala lukmany her 3 ýyldan kämillik derejesini TSG we DSM-nde tassyklamaga ýa-da ýokarlandyrmaga borçlydyr. Kämillik derejesi ýok maşgala lukmany welaýatyň ýa-da Aşgabat şäheriniň Saglygy goraýşy dolandyryjy guramasynda işleýän ýerine mynasyplygyny tassyklatmalydyr.
11. Maşgala lukmany öz işini maşgala şepagat uýasy bilen alyp barýar we onuň edýän işini gözegçilikde saklaýar hem-de hünärlik derejesini ýokarlandyrýar.
12. Maşgala lukmanynyň alyp barýan işine şäher Saglyk öýinde - direktoryň bejeriş işleri boýunça orunbasary, direktoryň lukmanlaryň maslahat beriş toparynyň guramaçylyk



Ýörite www.saglyk.info üçin

işleri boýunça orunbasary we maşgala bölüm müdiri, oba Saglyk öýinde – oba Saglyk öýiniň müdiri we etrap hassahananyň direktorynyň ilkinji saglygy goraýyş sanitar işleri boýunça orunbasary gözegçilik edýärler.

13. Maşgala lukmany Türkmenistanyň Zähmet hakyndaky jemkanunyna laýyklykda işe kabul edilýär we işden boşadylýär.

## Maşgala lukmanynyň borçlary .

Maşgala lukmanynyň esasy wezipesi özüne berkidilen raýatlaryň saglygyny gorap saklamakdan, keseliň öňüni almak çäreleri geçirmekden we olara ilkinji saglygy goraýyş kömegini bermekden ybaratdyr. Şu wezipesini doly ýerine ýetirmek üçin maşgala lukmanynyň geçirmeli işleri:

1. Hyzmat edýän ilatyna Saglyk öýünde, öý şertlerinde keseliň öňüni alyş, anyklaýyş, bejeriş we gije-gündiz gaýra-goýulmasyz çärelerini gurnamak;
2. Maşgalanyň durmuş ýagdaýyny, ýaşaýyş şertlerini öwrenmek we maşgalada keselçilige eltýän sebäpleri ýok etmäge ýardam bermek;
3. Berkidilen ilatyň arasynda ýylda 1 (bir) gezek keseliň öňüni alyş, anyklaýyş (gerek bolsa) we laborator barlagyny geçirmek;
4. Berkidilen ilatyň saglyk ýagdaýyna yzygiderli gözegçilik etmek;
5. Ilata sanitariýa-epidemiologiýa düzgünlerini, sagdyn durmuşyň ähmiýetlerini hemişe yzygiderli düşündirmek:

- rejeli we dogry iýmitlenmegi öwretmek;
- adamlaryň beden hereketiniň işeňňirligini ýokarlandyrmak;
- çilimkeşligiň, arakhorlygyň, neşekeşligiň, jyns gatnaşygynyň üsti bilen ýaýraýan keselleriň adam bedenine getirýän zyýanlaryny mysallaryň üsti bilen düşündirmek;

6. Kesele eltýän şertleriň we keseliň başlangyç ýagdaýlarynyň öňüni almak, keseliň gizlin görnüşlerini irki wagtynda ýüze çykarmak.
7. Enäniň we çaganyň saglygyny goramak üçin bejeriş-keseliň öňüni alyş çäreleri geçirmek:

- Göwreliligi ir wagtynda ýüze çykarmak (12 hepdä çenli) we saglyk ýagdaýyna yzygiderli gözegçilik etmek;
- Göwrelilerde jyns agzalaryndan başga keselini wagtynda ýüze çykarmak we akuşer ginekolog lukmany bilen bilelikde bejeriş çärelerini geçirmek;
- Göwrelileri çaga dogurmaklyga psihiki taýdan taýýarlamak we doguran wagtyndan soň 42 günüň dowamynda yzygiderli gözegçilik etmek;
- Zenanyň janyna göwreliligiň we çaga dogurmagyň howply boljak ýagdaýlarynda tassyklanan düzgünnama laýyklykda göwrelilik ýagdaýyny aýyrtdyrmak maksady bilen degişli lukmanyň maslahatyna ibermek we yzygiderli gözegçilik etmek;
- Dogruma ukyply aýallary ýylda bir gezek flýurografiýa barlagyndan hem-de ganyň, peşewiň derňewinden we ýylda iki gezek seredilis otagynda keseliň öňüni alyş barlagyndan geçirmek.

8. Maşgalada adam bedeniniň nesil yzarlaýjylygy hem-de üýtgeýjiligi hakynda maşgalanyň nesil öndüriş saglygyny goramak, islenmedik göwreliligiň öňüni almak, psihiki taýdan goldawly we ahlak kadaly sagdyn durmuş gurmak meseleleri barada maslahat işlerini geçirmek.



Ýörite www.saglyk.info üçin

9. Ýetginjek gyzlary zerurlygy ýüze çykanda «Ýetginjek merkezine» maslahata ugratmak.
10. Dermanhana, „Tiz kömek", sanitariýa-epidemiologiýa gullugy, kliniki-anyklaýyş bölümleri, hassahanalary hem-de berkidilen çäginde ýerleşýän mekdepleri we çagalar baglary bilen aragatnaşykly işleşmek.
11. Adatdan daşary ýagdaý ýüze çykan wagtynda saglygy goraýyş kömegini gurnamak.
12. Berkidilen ilatyň arasynda gaýra-goýulmasyz halatynda ýa-da tarpa-taýyn ölüm ýüze çykanda tizden-tiz direktoryň bejeriş işleri boýunça orunbasaryna habar bermek.
13. „Keselleriň öňüni alyş sanjymlaryň" ähmiýetlerini düşündirmek we möwsümleýin geçirilýän köpçülikleýin sanjymlary ýerine ýetirmek .
14. Ýokanç keseli dörän ojaklarda TSG we DSM-niň hereket edýän buýruklaryna, görkezmelerine, düzgünnamalaryna laýyklykda epidemiýa garşy ýerlerdäki sanitariýa-epidemiologiki gullugynyň hünärmenleri bilen bilelikde çäreleri geçirmek.
15. Ýokanç keselini geçiren näsaglaryň, kesel döwründe gatnaşykda bolan we gaýtadan kesellän näsaglaryň saglyk ýagdaýlaryny yzygiderli gözegçilikde saklamak.
16. Aýratyn howply ýokanç keseli dörän wagtynda, tiz wagtda direktoryň bejeriş işleri boýunça orunbasaryna, infeksionist lukmanyna habar bermek we TSG we DSM-gi tarapyndan tassyklanan düzgünnamalara laýyklykdaky degişli çäreleri geçirmek.
17. Keselleriň öňüni almak we bejermek barada kabul edilen Milli maksatnamalary durmuşa geçirmek.
18. DOTS – ýörelgesi boýunça anyklaýyş we bejeriş işleriniň geçirmek. (welaýatda geçirilýän bolsa).
19. Degişli näsaglary «Lukmanlaryň maslahat beriş toparyna» bellenilen tertipde ibermek.
20. Näsaglara „Zähmete ukypsyzlyk hatyny" tassyklanan düzgünnama laýyklykda bermek.
21. Berkidilen ilatyň, edaralaryň we guramalaryň işgärleriniň arasynda meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlygynyň ähmiýetleri barada düşündiriş işlerini geçirmek, saglygy goraýyş ätiýaçlandyrylan raýatlaryň gurşawuny ýokarlandyrmak we olardan tutulýan maliýe serişdeleriniň wagtynda TSGÖDG-na geçirilişine yzygiderli gözegçilik etmek.
22. Saglygy goraýyş resminamalary TSG we DSM-niň 05. 06.2000 ý. №137 buýrugynda tassyklanan görnüşi boýunça alyp barmak.
23. Berkidilen ilatynyň näsaglaryny bejergi almak üçin saglygy goraýyş edaralaryna ýerleşdirmegi TSG we DSM-giniň 05.04.99ý. №131 buýrugynyň düzgünnamasy esasynda amala aşyrmak we ýatymlaýyn bejergiden gelen näsaglaryň saglyk ýagdaýyna yzygiderli gözegçilik etmek.
24. Dispanser gözegçiliginde durýan näsaglary düzgünnama laýyklykda sagaldyş we dikeldiş çärelerini geçirmek hem-de degişli şypahanalarda bejergi almagy maslahat bermek .
25. Hereket edýän düzgünnama laýyklykda kämillik derejesini üznüksiz ýokarlandyrmak. (Bir ýylda 100 sagatdan az bolmaly däl).

**Maşgala lukmanynyň berjaý etmeli amaly endikleri .**

1. Ganyň, peşewiň, çyrşytgynyň, gakylygyň, aşgazan şiresiniň, funksional (Rentgen, USB, endoskopiýa) barlaglarynyň manysyna düşünmeli we netije çykarmaly.



Ýörite www.saglyk.info üçin

2. Peşewiň, ganyň düzüminde süýjini hem-de beloklary, EÇT (eritrositleriň çökmeginiň tizligini), gemoglobiniň mukdaryny gysga wagtyň içinde kesgitleniş barlagyny geçirmeli.
3. Ganyň toparyny we Rh-faktoryny anyklamaly.
4. Jyns agzalardan, burundan we bokurdakdan çyrşytgyny almaklygy başarmaly.
5. Peşew haltany kateterlemegi, aşgazany zondlamagy, göni içegäni barmak bilen barlamagy başarmaly.
6. Limfa, süýt, galkan şekilli mäzleri barmak basyp barlanyş usuly bilen barlagyny geçirmeli.
7. Derini we nemli bardalaryň barlagyny geçirmeli.
8. Göz, gulak, bokurdak, burun kesellerinde bejeriş kömegini (ýuwmak, damja damdyrmak, melhem çalmak we gabagy çöwürmek) bermekligi başarmaly.
9. EKG-nyň, pikfluometriýanyň – netijeleriniň manysyna düşünmeli.
10. Sanjymlaryň ähli görnüşlerini sanjyp, ergin dermanlary, gany we onuň görnüşlerini damardan damja ýa-da guýma görňüşinde goýbermegi başarmaly.
11. Keselleriň differinsial anyklamasyny başarmaly.

## Maşgala lukmanynyň gaýra-goýulmasyz ýagdaýlarda ýerine ýetirmeli ilkinji saglygy goraýyş kömekleri:

1. Ýüregiň içine derman serişdelerini sançmak;
2. Ýüregi gönidäl owkalamak;
3. Traheotomiýa we traheostomiýa;
4. «Agyzdan agza» ýa-da «agyzdan buruna» usuly bilen emeli dem bermek;
5. Ýokarky dem alyş ýollarynyň aspirasiýasynda ýa-da olaryň içine keseki jisim düşende arassalamagyň usullaryny bilmek .

*Ähli gaýra-goýulmasyz ýagdaýlarda keselleri wagtynda anyklamaly we ilkinji saglygy goraýyş kömegini berip, näsagy gyssagly hassahana ýerleşdirmeli.*

## Maşgala lukmanynyň akuşer-ginekologiýa ugry boýunça aşakdaky amaly endikleri berjaý etmeli :

1. Daşky akuşerlik usullary bilen barlamak;
2. Göwreliligiň möhletini we dogrumyň wagtyny kesgitlemek;
3. Düwünçegiň ýatgyda ýatyşyny, ýürek urşyny we agramyny kesgitlemek;
4. Göwrelilerde giçki gestozlary wagtynda anyklamak we degişli çäreleri geçirmek;
5. Fiziologiýa ýagdaýynda dogrumy alyp barmak;
6. Çaga ýoldaşynyň ýagdaýyny kesgitlemek;
7. Täze dogulan bäbegiň fiziologiki ýagdaýyny kesgitlemek;
8. Dogrum döwri we dogrumdam soňky döwürdäki ganakmalaryň öňüni almak çärelerini geçirmek;
9. Maşgala lukmany üçin düzülen gollanma esasynda işi ýöretmek.



Ýörite www.saglyk.info üçin

**Maşgala lukmanynyň oftalmologiýa ugry boýunça aşakdaky amaly endikleri bilmeli we özbaşdak ýerine ýetirmeli:**

1. Gözüň görşüni kesgitlemek (ýitiligini, görüş meýdanyny);
2. Tonometriýany (barmak bilen);
3. Oftalmoskopiýany;
4. Göz almasynyň hereketini kesgitlemek.

*Oftalmologiýada gaýra-goýulmasyz kömegini bermek:*

1. Garasuwyň ýiti tutgaý ýagdaýynda;
2. Gözüň gan damarlarynyň tromboemboliýada;

Maşgala lukmany üçin düzülen gollanma esasynda işi ýöretmek.

**Maşgala lukmanynyň otolaringologiýa ugry boýunça aşakdaky amaly endikleri bilmeli we özbaşdak ýerine ýetirmeli:**

1. Faringoskopiýa;
2. Otoskopiýa;

*Otolaringologiýadan gaýra-goýulmasyz kömegini bermek:*

- burundan gan akmagy saklamak (öňki we yzky tamponada);

Maşgala lukmany üçin düzülen gollanma esasynda işi ýöretmek.

**Maşgala lukmanynyň neýrohirurgiýa we newrologiýa ugry boýunça aşakdaky amaly endikleri bilmeli we özbaşdak ýerine ýetirmeli:**

1. Daýanç-hereket ediş ulgamynyň barlagyny (myşsa tonusyny, kontrakturany, myşsaň atrofiýasyny) geçirmek;
2. Beden agzalarynyň duýujylygyny kesgitlemek;
3. Komatoz ýagdaýda gemipareziň görnüşini kesgitlemek;
4. Siňir refleks barlaglary geçirmek;
5. Maşgala lukmany üçin düzülen gollanma esasynda işi ýöretmek.

**Maşgala lukmanynyň hirurgiýa ugry boýunça aşakdaky amaly endikleri bilmeli we özbaşdak ýerine ýetirmeli:**

1. Ýarany ilkinji hirurgiki usuly bilen arassalamak;
2. Daşky gan akmany saklamagy başarmak;
3. Şikeslerde ýumşak daňylary goýmagyň usullaryny başarmak;
4. Daýanç-hereket ediş ulgamynyň şikeslerinde gymyldatmazlyk ýagdaýynda saklamak usullaryny başarmak;
5. Haýwanlar bilen dişlenip ejir çeken näsaglara ilkinji saglygy goraýyş kömegini bermek;
6. Kiçi hirurgiki operasiýalary amala aşyrmak (okuma, çyban we beýleki daşky iriňli ýaralar);
7. Maşgala lukmany üçin düzülen gollanma esasynda işi ýöretmek.



Ýörite www.saglyk.info üçin

## Maşgala lukmanynyň hukugy.

1. Garamagyndaky orta saglygy goraýyş işgäriniň işine gözegçilik etmek.
2. Özüne berkidilen ilatyna berilýän saglygy goraýyş kömeginiň hilini, sanitariýa-epidimiologiýa gullugyny we durmuş ýagdaýlaryny gowulandyrmak üçin öz tekliplerini bermek.
3. Bellenilen tertip boýunça näsaglara berilýän saglygy goraýyş kömeginiň hiline ekspert seljerilişini geçirmek.
4. Özüne berkidilen ilatyň arasyndan näsag hassahana düşen halatlarynda, hassahanada bejerýäň lukman bilen bilelikde bejergini alyp barmak.
5. Öý şertlerinde keseli bejermäge we Saglyk öýinde näsaglara gündiz ýatymlaýyn bejeriş şertlerini döretmek (sanitariýa-epidemiologiýa düzgünlerini berjaý etmek bilen).
6. Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda saglygy goraýyş işgärleri üçin niýetlenen ýeňilliklerden peýdalanmak.
7. Her 3 ýyldan özüne berkidilen ilatyň arasynda edilen işleriň netijeleri barada TSG we DS M-niň ýanyndaky kämillik derejäni kesgitleýän toparyna işini tabşyrmak.

## Maşgala lukmanynyň jogapkärçiligi :

1. Öz hünäri boýunça ýerine ýetirýän işine;
2. Näsagyň saglygyna, janyna howply ýagdaýda öz wagtynda bejeriş işleri geçirilmese we näsagyň janyna şek ýetiren bolsa;
3. Her çaga ölümine, ene ölümine, keseliň ötüşen görnüşlerine, dogabitdi merezýel, dogabitdi gonoblenoreýa, göwreliligi giçki wagtynda ýüze çykarylsa (12 hepdeden soň bolsa);
4. Dermannama ýazylan derman serişdeleriň dogry ýazylyşyna, esaslandyrylyşyna;
5. Ynsanperwerlik derman serişdeleriň tygşytly ulanşyna;
6. "Zähmete ukypsyzlyk hatyň" düzgünnama laýyklykda berilişine;
7. Saglygy goraýyş resminamalaryň alyp barylyşyna we saklanylyşyna (TSG we DSM-niň 2000-nji ýylyň №137-nji buýrugyna laýyklykda);
8. Ähli berkidilen enjamlaryna we emläklerine.

**Ministriň orunbasary** **B. SOPYÝEW.**



Ýörite www.saglyk.info üçin

*TSG we DSM-iň içki dolandyryş işleri üçin.*

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we
derman senagaty ministrliginiň
"08" 08 2002.ý. № 115 buýrugyna
2-nji goşundy .

**Maşgala feldşeriniň
Düzgünnamasy.**

1. Maşgala feldşeri – orta saglygy goraýyş bilimli we köpugurly ilkinji saglygy goraýyş kömegini bermegi başarýan hünärmen bolmalydyr.
2. Maşgala feldşeri wezipesine – „orta saglygy goraýyş» hünäri boýunça TSG we DSM-gi tarapyndan tassyklanan okuw maksatnamasyny talaba laýyklykda özleşdiren hünärmen bellenilýär.
3. Maşgala feldşeri öz işini Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň, Türkmenistanyň Mejlisiniň, Türkmenistanyň Prezidentiniň hukuknamalarynyň, TSG we DSM-iň buýruklarynyň, görkezmeleriniň hem-de şu düzgünnamanyň esasynda saglygy goraýyş edarasynda (Saglyk öýinde) amala aşyrýar.
4. Maşgala feldşeriniň işi keseliň öňüni alyş, bejeriş, anyklaýyş, ilatyň saglygyny goramaga we raýatlaryň ömrüniň dowamlygyny uzaltmaga gönükdirilendir.
5. Maşgala feldşeri öz berkidilen ilatyna kabul ediş otagynda, öý şertlerinde (öýüne baryp) gaýra-goýülmasyz kömegini, keseliň öňüni alyş, anyklaýyş, bejeriş we dikeldiş çärelerini geçirýär hem-de saglygy goraýyş-durmuş meselelerini çözmäge ýärdam edýär.
6. Maşgala feldşerine berkidilmeli ilatyň sany 1000 adama çenli, ýöne käbir ýagdaýlarda bolsa 1500 çenli ýetirilip biliner.
7. Maşgala feldşeriniň zähmet haky Türkmenistanyň Zähmet hakyndaky kanunlar jemkanunyna laýyklykda kesgitlenilýär. Onuň möçberi - berkidilen ilatynyň sanyna we kämillik derejesine görä kesgitlenýär.
8. Eger-de berkidilen ilatyň arasynda: çaga ölümi, ene ölümi, inçekeseliň, çiş keseliň ötüşen görnüşi, dogabitdi merezýel, dogabitdi gonoblenoreýa ýüze çyksa, reanimasiýa bolümine 14 ýaşyna çenli näsag çaga düşse, keselleriň öňüni alyş sanjymlary ýerine ýetirilmese, ilat tarapyndan arza-şikaýat düşse we bu hadysalaryň ýüze çykmagynda maşgala feldşeriniň goýberen kemçilikleri subut edilen bolsa, onda Saglyk öýiniň ýolbaşçysy tarapyndan maşgala feldşeri tertip-nyzam jogapkärçiligine çekilýär.
9. Kämillik derejeli maşgala feldşeri her 3 ýyldan kämillik derejesini welaýatyň saglygy goraýşy dolandyryş guramasynda tassyklamaly ýa-da ýökarlandyrmaly. Kämillik derejesi ýok maşgala feldşeri welaýatyň saglygy goraýşy dolandyryjy guramasynda işleýän ýerine mynasyplygyny tassyklatmalydyr.
10. Maşgala feldşeri öz işini ýeke-täk ýa-da maşgala şepagat uýasy bilen alyp barýar, onuň edýän işini gözegçilikde saklaýar hem-de hünärlik derejesini ýokarlandyrýar.
11. Maşgala feldşeriň alyp barýan işine etrap hassahanasynyň direktorynyň ilkinji saglygy goraýyş sanitariýa işleri boýunça orunbasary gözegçilik edýär.



Ýörite www.saglyk.info üçin

12. Maşgala feldşeri Türkmenistanyň Zähmet hakyndaky jemkanunyna laýyklykda işe kabul edilýär we işden boşadylýär.
13. Maşgala felşerlerine näsaglara dermannamalary ýazmaklyk rugsady welaýat saglygy goraýşy dolandyryjy guramasynyň ygtyýary bilen berilip biliner.

## Maşgala feldşeriniň borçlary.

Maşgala feldşeriniň esasy wezipesi özüne berkidilen raýatlaryň saglygyny gorap saklamakdan, keseliň öňüni almak çäreleri geçirmekden we olara ilkinji saglygy goraýyş kömegini bermekden ybaratdyr. Şu wezipesini doly ýerine ýetirmek üçin maşgala feldşeriniň geçirmeli işleri.

1. Hyzmat edýän ilatyna Saglyk öýinde we öý şertlerinde keseliň öňüni alyş, anyklaýyş, bejeriş, sagaldyş we gije-gündiz gaýra-goýulmasyz çärelerini gurnamak.
2. Maşgalanyň saglyk we durmuş ýagdaýyny, ýaşaýyş şertlerini öwrenmek hem-de maşgalany keselçilige eltýän sebäpleri ýok etmäge ýardam bermek.
3. Ýylda 1 (bir) gezek berkidilen meýdançasynda ilat ýazuwyny geçirmek.
4. Ýylda 1 (bir) gezek berkidilen ilatyň arasynda keseliň öňüni alyş, anyklaýyş (gerek bolsa) we laborator barlagyny geçirmek.
5. Berkidilen ilatyň saglyk ýagdaýyna yzygiderli gözegçilik etmek.
6. Ilata sanitariýa-epidemiologiýa düzgünlerini, sagdyn durmuşyň ähmiýetlerini hemişe yzygiderli düşündirmek: rejeli we dogry iýmitlenmegi öwretmek; adamlaryň beden hereketiniň işeňňirligini ýokarlandyrmak; çilimkeşligiň, arakhorlygyň, neşekeşligiň, jyns gatnaşygynyň üsti bilen ýaýraýan keselleriň adam bedenine getirýän zyýanlaryny mysallaryň üsti bilen düşündirmek.
7. Kesele eltýän şertleriň we keseliň başlangyç ýagdaýlarynyň öňüni almak, keseliň gizlin görnüşlerini wagtynda ýüze çykarmak.
8. Enäniň we çaganyň saglygyny goramak üçin bejeriş-keseliň öňüni alyş çäreleri geçirmek:
- Göwreliligi ir wagtynda ýüze çykarmak (12 hepdä çenli) we saglyk ýagdaýyna yzygiderli gözegçilik etmek;
- Göwrelilerde jyns agzalaryndan başga keselini wagtynda ýüze çykarmak we akuşer ginekolog lukmany bilen bilelikde bejeriş çärelerini geçirmek;
- Göwrelileri çaga dogurmaklyga psihiki taýdan taýýarlamak we doguran wagtyndan soň 42 günüň dowamynda yzygiderli gözegçilik etmek;
- Zenanyň janyna göwreliligiň we çaga dogurmagyň howply boljak ýagdaýlarynda tassyklanan düzgünnama laýyklykda göwrelilik ýagdaýyny aýyrtdyrmak maksady bilen degişli lukmana ibermek we yzygiderli gözegçilik etmek;
- Dogruma ukyply aýallary ýylda bir gezek flýurografiýa barlagyndan hem-de ganyň, peşewiň derňewinden we ýylda iki gezek seredilîş otagynda keseliň öňüni alyş barlagyndan geçirmek;
- Maşgalada adam bedeniniň nesil yzarlaýjylygy hem-de üýtgeýjiligi hakynda maşgalanyň nesil öndüriş saglygyny goramak, islenmedik göwreliligiň öňüni almak, psihiki taýdan goldawly we ahlak kadaly sagdyn durmuş gurmak meseleleri barada maslahat işlerini geçirmek.

9. Ýetginjek gyzlary zerurlygy ýüze çykanda «Ýetginjek merkezine» maslahata ibermek.



Ýörite www.saglyk.info üçin

10. Dermanhana, „Tiz kömek" sanitariýa-epidemiologiýa gullugy, kliniki-anyklaýyş bölümleri, hassahanalary hem-de berkidilen çäginde ýerleşýän mekdepleri we çagalar baglary bilen aragatnaşykly işleşmek.
11. „Keselleriň öňüni alyş sanjymlaryň" ähmiýetlerini düşündirmek we möwsümleýin geçirilýän köpçülikleýin sanjymlary ýerine ýetirmek .
12. Ýokanç keselini geçiren näsaglaryň, kesel döwründe gatnaşykda bolan we gaýtadan keselleýän näsaglaryň saglyk ýagdaýlaryny yzygiderli gözegçilikde saklamak.
13. Ýokanç keseli dörän ojaklarda TSG we DSM-niň hereket edýän buýruklaryna, görkezmelerine, düzgünnamalaryna laýyklykda epidemiýa garşy ýerlerdäki sanitariýa-epidemiologiki gullugynyň hünärmenleri bilen bilelikde çäreleri geçirmek.
14. Aýratyn howply ýokanç keseli dörän wagtynda, tiz wagtda direktoryň bejeriş işleri boýunça orunbasaryna, infeksionist lukmanyna habar bermek we TSG we DSM-gi tarapyndan tassyklanan düzgünnamalara laýyklykdaky degişli çäreleri geçirmek.
15. Adatdan daşary ýagdaý ýüze çykan wagtynda saglygy goraýyş kömegini gurnamak.
16. Berkidilen ilatyň arasynda gaýra-goýulmasyz ýa-da tarpa-taýyn ölüm hadysalary ýüze çykanda, tizden-tiz direktoryň bejeriş işleri boýunça orunbasaryna habar bermek.
17. Keselleriň öňüni almak we bejermek barada kabul edilen Milli maksatnamalary durmuşa geçirmek.
18. Näsaglara „Zähmete ukypsyzlyk hatyny" tassyklanan düzgünnama laýyklykda bermek.
19. Degişli näsaglary «Kliniki-anyklaýyş bölümine» bellenilen tertipde ibermek.
20. Berkidilen ilatyň, edaralaryň we guramalaryň işgärleriniň arasynda meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlygynyň ähmiýetleri barada düşündiriş işlerini geçirmek, saglygy goraýyş ätiýaçlandyrylan raýatlaryň gurşawuny ýokarlandyrmak we olardan tutulýan maliýe serişdeleriniň wagtynda TSGÖDG-na geçirilişine yzygiderli gözegçilik etmek.
21. Ilkinji saglygy goraýyş resminamalary TSG we DSM-niň 05.06.2000ý №137 buýrugynda tassyklanan görnüşi boýunça alyp barmak.
22. Berkidilen ilatynyň näsaglaryny bejergi almak üçin saglygy goraýyş edaralaryna ýerleşdirmegi TSG we DSM-giniň 05.04.99ý. №131 buýrugynyň düzgünnamasy esasynda amala aşyrmak we ýatymlaýyn bejergiden gelen näsaglaryň saglyk ýagdaýyna yzygiderli gözegçilik etmek.
23. Dispanser gözegçiliginde duryan näsaglary düzgünnama laýyklykda sagaldyş we dikeldiş çärelerini geçirmek hem-de degişli şypahanalarda bejergi almagy maslahat bermek .
24. Hereket edýän düzgünnama boýunça üznüksiz kämillik derejesini ýokarlandyrmak (Bir ýylda 60 sagatdan az bolmaly däl).

**Maşgala feldşeriniň berjaý etmeli amaly endikleri:**

1. Ganyň, peşewiň, çyrşytgynyň, gakylygyň, funksional (Rentgen, USB) barlaglarynyň manysyna düşünmeli we netije çykarmaly;
2. Peşewiň, ganyň düzüminde süýjiniň, gemoglobiniň mukdaryny gysga wagtyň içinde kesgitleniş barlagyny geçirmeli;
3. Jyns agzalardan, burundan we bokurdakdan çyrşytgyny almaklygy başarmaly;
4. Peşew haltany kateterlemegi we göni içegäni barmak bilen barlamagy başarmaly;



Ýörite www.saglyk.info üçin

5. Limfa, süýt, galkan şekilli mäzleri barmak basyp barlanyş usuly bilen barlagyny geçirmeli;
6. Derini we nemli bardalaryň barlagyny geçirmeli;
7. Göz, gulak, bokurdak, burun kesellerinde bejeriş kömegini (ýuwmak, damja damdyrmak, melhem çalmak we gabagy çöwürmek) bermekligi başarmaly;
8. EKG-ny, pikfluometriýany – işledip bilmeli we pikfluometriýanyň netijesiniň manysyna düşünmeli;
9. Sanjymlaryň ähli görnüşlerini sanjyp, ergin dermanlary, gany we onuň görnüşlerini damardan damja ýa-da guýma görnüşinde goýbermegi başarmaly.

**Maşgala feldşeriniň gaýra-goýulmasyz ýagdaýlarda ýerine ýetirmeli ilkinji saglygy goraýyş kömekleri:**

1. Ýüregiň içine derman serişdelerini sançmak;
2. Ýüregi gönidäl owkalamak;
3. «Agyzdan agza» ýa-da «agyzdan buruna» usuly bilen emeli dem bermek;
4. Ýokarky dem alyş ýollarynyň aspirasiýasynda ýa-da olaryň içine keseki jisim düşende arassalamagyň usullaryny bilmek .

***Ähli gaýra-goýulmasyz ýagdaýlarda keselleri wagtynda anyklamaly we ilkinji saglygy goraýyş kömegini berip, näsagy gyssagly hassahana ýerleşdirmeli.***

**Maşgala feldşeriniň akuşer-ginekologiýa ugry boýunça aşakdaky amaly endikleri özbaşdak berjaý etmeli:**

1. Göwreliligi anyklamak we daşky akuşerlik usullary bilen barlamak;
2. Düwünçegiň ýatgyda ýatyşyny, ýürek urşyny we agramyny kesgitlemek;
3. Göwrelilerde giçki gestozlary wagtynda anyklamak we degişli çäreleri geçirmek;
4. Fiziologiýa ýagdaýynda dogrumy alyp barmak;
5. Çaga ýoldaşynyň ýagdaýyny kesgitlemek;
6. Täze dogulan bäbegiň fiziologiki ösüş ýagdaýyny kesgitlemek;
7. Dogrum döwri we dogrumdam soňky döwürdäki ganakmalaryň öňüni almak çärelerini bilmek;
8. Maşgala feldşeri üçin düzülen gollanma esasynda işi ýöretmek.

**Maşgala feldşeriniň oftalmologiýa ugry boýunça aşakdaky amaly endikleri bilmeli we özbaşdak ýerine ýetirmeli:**

1. Gözüň ýitiligini kesgitlemek;
2. Tonometriýany (barmak bilen).

*Oftalmologiýada gaýra goýulmasyz kömegini bermek:*

1. Garasuwyň ýiti tutgaý ýagdaýynda;

Maşgala feldşeri üçin düzülen gollanma esasynda işi ýöretmek.



Ýörite www.saglyk.info üçin

**Maşgala feldşeriniň otolaringologiýa ugry boýunça amaly endikleri bilmeli we özbaşdak ýerine ýetirmeli:**

1. Otoskopiýany.

*Otolaringologiýadan gaýra-goýulmasyz kömegini bermek:*

- burundan gan akmagy saklamak (öňki tamponada).

Maşgala feldşeri üçin düzülen gollanma esasynda işi ýöretmek.

**Maşgala feldşeriniň neýrohirurgiýa we newrologiýa ugry boýunça aşakdaky amaly iş endikleri bilmeli we özbaşdak ýerine ýetirmeli:**

1. Daýanç-hereket ediş ulgamynyň barlagyny (myşsa tonusyny, kontrakturany, myşsanyň atrofiýasyny) geçirmek;
2. Beden agzalarynyň duýujylygyny kesgitlemek;
3. Maşgala feldşeri üçin düzülen gollanma esasynda işi ýöretmek.

**Maşgala feldşeriniň hirurgiýa ugry boýunça aşakdaky amaly endikleri bilmeli we özbaşdak ýerine ýetirmeli:**

1. Ýarany ilkinji hirurgiki usuly bilen arassalamak;
2. Daşky gan akmany saklamagy başarmak;
3. Şikeslerde ýumşak daňylary goýmagyň usullaryny bilmek;
4. Daýanç-hereket ediş ulgamynyň şikeslerinde gymyldatmazlyk ýagdaýynda saklamak usullaryny başarmak;
5. Haýwanlar bilen dişlenip ejir çeken näsaglara ilkinji saglygy goraýyş kömegini bermek;
6. Maşgala feldşeri üçin düzülen gollanma esasynda işi ýöretmek.

**Maşgala feldşeriniň hukugy.**

1. Garamagyndaky orta saglygy goraýyş işgäriniň işine gözegçilik etmek.
2. Öý şertlerinde keseli bejermäge we saglyk öýinde näsaglara gündiz ýatymlaýyn bejeriş dikeldiş şertlerini döretmek (sanitariýa-epidemiologiýa düzgünlerini berjaý etmek bilen).
3. Özine berkidilen ilatyna berilýän saglygy goraýyş kömeginiň hilini, sanitariýa-epidemiologiýa gullugyny we durmuş ýagdaýlaryny gowulandyrmak üçin öz tekliplerini bermek.
4. Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda saglygy goraýyş işgärleri üçin niýetlenen ýeňilliklerden peýdalanmak.
5. Her üç ýyldan özine berkidilen ilatyň arasynda edilen işleriň netijeleri barada welaýatyň saglygy goraýşy dolandyryjy guramasynda kämillik derejäni kesgitleýän toparyna işini tabşyrmak.



Ýörite www.saglyk.info üçin

**Maşgala feldşeriniň jogapkärçiligi:**

1. Öz hünäri boýunça ýerine ýetirýän işine;
2. Näsagyň saglygyna, janyna howply ýagdaýda öz wagtynda bejeriş işleri geçirilmese we näsagyň janyna şek ýetiren bolsa;
3. Her çaga, ene ölümine, çiş hem-de inçe keseliň ötüşen görnüşlerine, dogabitdi merezýel, dogabitdi gonoblenoreýa, göwreliligi giç wagtynda ýüze çykarylsa (12 hepdeden soň bolsa);
4. Saglygy goraýyş resminamalaryň alyp barylyşyna we saklanylyşyna (TSG we DSM-niň 2000-nji ýylyň №137-nji buýrugyna laýyklykda);
5. Dermannama ýazylan derman serişdeleriň dogry ýazylyşyna, esaslandyrylyşyna;
6. Ynsanperwerlik derman serişdeleriň tygşytly (esaslanyp) ulanşyna;
7. "Zähmete ukypsyzlyk hatyň" tassyklanan düzgünnama laýyklykda berilişine;
8. Ähli berkidilen enjamlaryna we emläklerine.

**Ministriň orunbasary** **B. SOPYÝEW.**



Ýörite www.saglyk.info üçin

*TSG we DSM-iň içki dolandyryş işleri üçin.*

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we
derman senagaty ministrliginiň
"08" 08 2002.ý. № 115 buýrugyna
3-nji goşundy .

**Maşgala şepagat uýasynyň (doganynyň)**
**Düzgünnamasy.**

1. Maşgala şepagat uýasy (dogany) wezipesine TSG we DSM-gi tarapyndan tassyklanan "şepagat uýasy" ugry boýunça ilkinji taýýarlaşygy geçen hünärmen bellenilýär.
2. Maşgala şepagat uýasy (dogany) öz işini Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň, Türkmenistanyň Mejlisiniň, Türkmenistanyň Prezidentiniň hukuknamalarynyň, TSG we DSM-niň buýruklarynyň görkezmeleriniň hem-de şu düzgünnamanyň esasynda saglygy goraýyş edarasynda (Saglyk öýinde) amala aşyrýar.
3. Maşgala şepagat uýasynyň (doganynyň) işi keseliň öňüni alyş, näsaglara bejeriş çärelerini geçirip, ilatyň saglygyny goramaga we raýatlaryň ömrüniň dowamlygyny uzaltmaga gönükdirilendir.
4. Maşgala şepagat uýasy (dogany) berkidilen ilatyna saglygy goraýyş kömegini maşgala lukmany ýa-da maşgala feldşeri bilen bilelikde amala aşyrýar.
5. Maşgala şepagat uýasynyň (doganyň) berkidilen ilatynyň sany 1000 adama ydaratdyr, ýöne käbir ýagdaýlarda 1500 çenli ýetirilip biliner.
6. Maşgala şepagat uýasynyň (doganynyň) zähmet haky Türkmenistanyň zähmet hakyndaky kanunlar jemkanuny laýyklykda kesgitlenýär. Onuň möçberi berkidilen ilatynyň sanyna, kämillik derejesine görä kesgitlenýär.
7. Eger-de berkidilen ilatyň arasynda: çaga ölümi, ene ölümi, inçekeseliň, çiş keseliň ötüşen görnüşi, dogabitdi merezýel, dogabitdi gonoblenoreýa ýüze çyksa; reanimasiýa bölümine 14 ýaşyna çenli näsag çaga düşse, keselleiň öňüni alyş sanjymlary ýerine ýetirilmese, ilat tarapyndaň arza-şikaýat düşse we bu hadysalaryň ýüze çykmagynda maşgala şepagat uýasynyň (doganynyň) goýberen kemçilikleri subut edilse, onda Saglyk öýiniň ýolbaşçysy tarapyndan maşgala şepagat uýasy (dogany) tertip-nyzam jogapkärçiligine çekilýär.
8. Kämillik derejeli maşgala şepagat uýasy (dogany) her 3 ýyldan kämillik derejesini welaýatyň, Aşgabat şäheriniň Saglygy goraýşy dolandyryş guramasynda tassyklamaly ýa-da ýokarlandyrmaly. Kämillik derejesi ýok maşgala şepagat uýasy (dogany) welaýatyň ýa-da Aşgabat şäheriniň Saglygy goraýşy dolandyryjy guramasynda işleýän ýerine mynasyplygyny tassyklatmalydyr.
9. Maşgala şepagat uýasyny (doganyny) Türkmenistanyň zähmet hakyndaky kanunlar jemkanunyna laýyklykda işe kabul edilýär we işden boşadylýär.
10. Maşgala şepagat uýasy (dogany) maşgala lukmanyna, baş we uly şepagat uýalaryna tabyn bolýar.



Ýörite www.saglyk.info üçin

**Maşgala şepagat uýasynyň (doganynyň) borçlary.**

Maşgala şepagat uýasynyň (doganynyň) esasy wezipesi özüne berkidilen ilatynyň saglygyny gorap saklamakdan, keseliň öňüni almak çäreleri geçirmekden we olara ilkinji saglygy goramak kömegini bermekden ybaratdyr. Şu wezipesini doly ýerine ýetirmek üçin maşgala şepagat uýasynyň (doganynyň) geçirmeli işleri:

1. Maşgala lukmanynyň ýa-da maşgala feldşeriniň ýolbaşçylygynda keseliň öňüni alyş, anyklaýyş, bejeriş, sagaldyş we gije-gündiz gaýra goýulmasyz çäreleri gurnamak.
2. Şikes ýetmelerde, ýiti, gaýra-goýulmasyz ýagdaýlarda saglygy goraýyş kömegini we ilkinji lukmana çenli kömegi bermek.
3. Berkidilen ilatyň saglyk ýagdaýyna yzygiderli gözegçilik etmek.
4. Ilata sanitariýa-epidemiologiýa düzgünlerini, sagdyn durmuşyň ähmiýetlerini düşündirmek: rejeli we dogry iýmitlenmegi öwretmek; adamlaryň beden hereketiniň işeňňirligini ýokarlandyrmak; çilimkeşligiň, arakhorlygyň, neşekeşligiň adam bedenine getirýän zyýanyny mysallar üsti bilen düşündirmek;
5. Kesele eltýän şertleriň we başlangyç ýagdaýlarynyň öňüni almak, keseliň gizlin görnüşlerini wagtynda ýüze çykarmak we maşgala lukmanyna ýa-da maşgala feldşerine habar bermek.
6. Enäniň we çaganyň saglygyny goramak üçin bejeriş keseliň öňüni alyş çärelerini geçirmek:
   - Islenmedik göwreliligiň öňüni almak, nesil saglygyny goramak we sagdyn durmuşy gurmak meseleleri barada maslahat işlerini geçirmek;
   - Göwreliligi ir wagtynda ýüze çykarmak (12 hepdä çenli) we saglyk ýagdaýyna yzygiderli gözegçilik etmek;
   - Göwrelileri çaga dogurmaklyga psihiki taýdan taýýarlamak we doguran wagtyndan soň 42 gün yzygiderli gözegçilik etmek;
   - Zenanyň janyna göwreliligiň we çaga dogurmagyň howply boljak ýagdaýlarynda maşgala lukmanyna ýa-da maşgala feldşerine habar bermek.
7. „Keselleriň öňüni alyş sanjymlaryň" ähmiýetlerini düşündirmek we möwsümleýin geçirilýän köpçülikleýin sanjymlary ýerine ýetirmek.
8. Ýokanç keselini geçiren näsaglaryň, kesel döwründe gatnaşykda bolan we gaýtadan keselleýän näsaglaryň saglyk ýagdaýlaryny yzygiderli gözegçilikde saklamak.
9. Adatdan daşary ýagdaý ýüze çykan wagtynda saglygy goraýyş kömegini gurnamak.
10. Ýokanç keseli dörän ojaklarda TSG we DSM-niň hereket edýän buýruklaryna, görkezmelerine, düzgünnamalaryna laýyklykda epidemiýa garşy çäreleri geçirmek we maşgala lukmanyna ýa-da maşgala feldşerine habar bermek.
11. Gaýra-goýulmasyz ýagdaýlarynda maşgala lukmanynyň gönükdirmesi boýunça degişli bejeriş keseliň öňüni alyş edaralaryna ulag serişdesi bilen näsagy alyp gitmegi gurnamak.
12. Kabul ediş bölüminde derman serişdeleriniň, sanjym enjamlarynyň dogry saklanylmagyna we rejeli ulanşyna gözegçilik etmek.
13. Bir ýaşyna çenli çagalaryň her aýda antropometriýasyny geçirmek.
14. Bäbegi dogry idetmegi we iýmitlendirmegi enelere öwretmek.
15. 65 ýaşdan geçen adamlaryň, maýyplaryň, düşekde ýatan hassalaryň öýlerine barmaklygy we kömek bermegi gurnamak, gaýra-goýulmasyz ýagdaýlarda ilkinji



Ýörite www.saglyk.info üçin

lukmana çenli kömegi bermekligiň ýönekeý usullaryny näsagyň hossarlaryna öwretmek.

16. Maşgala lukmany ýa-da maşgala feldşeri bilen bilelikde maşgalany kadalaşdyrmak, maşgala durmuşynyň ahlak, psihiki dünýägaraýşy, durmuş saglygy goraýyş-nesil yzarlaýjylygy, saglygy goraýyş-jyns gatnaşygy barada soraglary boýunça maslahatlary geçirmek.
17. TSG we DSM-niň tarapyndan tassyklanan saglygy goraýyş resminamalary ýöretmek.
18. Uly ýa-da baş şepagat uýasyna (doganyna) edilen işler barada her aýda hasabat bermek.
19. Maşgala lukmanynyň ýa-da maşgala feldşeriniň ýolbaşçylygynda edilmeli işleri:

- Ýylda 1 (bir) gezek berkidilen meýdançasynda ilat ýazuwyny geçirmek we çäginiň pasportyny düzmek;
- Näsaglaryň ýa-da saglygyny barlatmaga gelýän raýatlaryň fiziki ýagdaýyna baha bermek we ilkinji gözden geçirmäni alyp barmak;
- Näsaglara barlaglaryň hemme görnüşlerine, maslahatlara gönükdirme doldurmak we ganyň, peşewiň, gakylygyň, täretiň, aşgazan şiresiniň barlaglarynyň netijesini okap bilmek;
- Ýüzleý ýerleşen iriňli ýaralary ýarmak;
- Gan akanda wagtlaýyn saklaýyş usullaryny bilmek;
- Wena damaryndan gan almak;
- Peşew haltasyny kateterlemek, aşgazany zondlamak, klizmalaryň hemme görnüşlerini (arassalaýyjy, bejeriş, iýmitlendiriş) başaryp bilmek;
- Göz, gulak, bokurdak, burun kesellerinde bejeriş kömeginiň hemme görnüşlerini berip bilmek (ýuwmak, damja damdyrmak, melhem çalmak, ýüzleý bedenjikleri aýyrmak, daňy daňmak);
- Bäbegiň göwek ýarasyny, gözini, deri örtügini, agyz boşlugyny bejeriş arassalamaklygy başarmak;
- Fizioterapiýa bejerişleri, owkalaw we bejeriş maşklary başaryp bilmek;
- Näsaga öý şertlerinde we kabul ediş bölüminde EKG barlagyny geçirmek;
- Laborator barlaglary üçin gany, peşewy, täreti we nemli bardalardan (burundan, bokurdakdan, jyns agzalardan) çyrşytgyny alyp bilmek;
- Kabul edilýän otaglarda sanitar-gigiýeniki düzgünlerini, aseptikanyň we antiseptikanyň düzgünlerini, enjamlaryň we gurallaryň sterilizasiýa şertlerini, sterilizasiýadan soň beterleşmeleriň (wirusly gepatitiň B, D, C görnüşleri, AIDS-iň) öňüni almak çärelerini berjaý etmek;
- Ilatyň arasynda meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlygynyň ähmiýetleri barada düşündiriş işlerini geçirmek;
- Öz bilim derejesini hemişe kämilleşdirmek we ýokarlandyrmak.



Ýörite www.saglyk.info üçin

**Gaýra-goýulmasyz ýagdaýlarda öz wagtynda keseli kesgitlemek we lukmana çenli ilkinji kömegi bermek.**

- Şok, kollaps, koma, ýiti dem ýetmezçiligi, bokurdak çişmesi, demi gysma tutgaýynda, ýiti allergiýa ýagdaýlarynda, ýiti ýürek ýetmezçiliginde, paroksizmal tahikardiýa tutgaýynda, ýüregiň geçirijiliginiň we urşynyň bozulmagy, gipertoniýa krizi, stenokardiýa, infarktyň miokardy, gan akmaga, böwrek tutgaýynda, peşew çykmagyň ýiti saklanmagy, kelle beýni çanaklygyna şikes ýetmek, "ýiti garyn ötlesi", beýni gan aýlanşygynyň yiti bozulmagy, tutgaýly ýagdaý, epilepsiýa tutgaýy, elektrik togy uranda, zäherlenmede, süňk döwük-ýenjikde, bogun ýerinden çykanda, ýaralar, agyrtmalar, kliniki ölüm, gün urgysynda. Hem-de gyssagly lukmana habar bermeli.

**Lukmana çenli gaýra-goýulmasyz ýagdaýlarda ýerine ýetirmeli ilkinji saglygy goraýyş kömekleri:**

1. Ýokarky dem alyş ýollarynyň aspirasiýasynda ýa-da olaryň içine keseki jisim düşende arassalamagyň usullaryny bilmek;
2. "Agyzdan agyza" we "agyzdan buruna" usuly bilen emeli dem bermek;
3. Ýüregi göni däl owkalamak;
4. Rezin bag bilen daňmak (žgut goýmak);
5. Döwük-ýenjiklerde gymyldatmazlyk ýagdaýynda saklama usullaryny bilmek;
6. Daňy goýmak;
7. Gan akmany saklamagyň usullaryny bilmek;
8. Aşgazany ýuwmak;

**Maşgala şepagat uýasynyň (doganyň) amaly endikleri başarmaly we ýerine ýetirmeli:**

- Derini, nemli bardalaryny, limfa düwünlerini, agyz boşlugyny, göwüs mäzlerini barlamaklygy başarmak we baha bermeli;
- Sanjymlaryň ähli görnüşlerini ergin derman serişdelerini, gany we onyň görnüşlerini bedene goýbermekligi başarmaly;
- Jyns agzalaryndan we nemli bardalardan çyrşytkyny almagy başarmaly;
- Derman serişdelere duýujylyk barlagyny geçirmekligi başarmali;
- Insuliniň hasaplanyşyny we göýberilişini başarmaly;
- Bedeniň gyzgynyny dürli usullar bilen barlamali;
- Arteriýa gan basyşyny ölçemegiň hemme usullary bilmeli;
- Bankalary, gorçiçnikleri, kompressleri, sülük goýmagy, gyzdyryjy we buzly haltany goýmagy başarmaly;



Ýörite www.saglyk.info üçin

- Peşew haltany katetorlemegi;
- Düşekde ýatan agyr näsaglarda ýatmakdan soňky emele gelýän ýaralaryň öňüni alyş we bejeriş çärelerini geçirmeli;
- Häzirki zaman dez-erginlerini howpsuzlyk düzgünlerini berjaý etmeli, garylyş we saklanyş usullaryny bilmeli;
- Kislorod ýassygyny taýýarlamaly;
- Gözüň ýitiligini kesgitlemeli, gabaklary çöwürmeli, gözleri ýuwmaly, damja damdyrmaly, melhem çalmaly , mono we binokulýar daňylary goýmaly;
- Näsaglary emeli iýmitlendirmegi başarmaly;
- Içki traheotomiýa turbajygyny arassalamaly we çalyşmaly;
- Burun,daşky gulak ýolunyň nemli bardasyny arasalamagyň usulyny bilmeli;
- Gulaga damja damdyrmaly, daşky gulak ýoluna turunda goýmaly;
- Gulagyň pyşyrdyly we sesli gürrüňli barlanylyş usulyny geçirmeli;

**Maşgala şepagat uýasynyň (doganyň) hukugy.**

1. Özine berkidilen ilatyna berilýän saglygy goraýyş kömeginiň hilini, sanitariýa-epidimiologiýa gullugyny we durmuş ýagdaýlaryny gowulandyrmak üçin öz tekliplerini bermek.
2. Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda saglygy goraýyş işgärleri üçin niýetlenen ýeňilliklerden peýdalanmak.
3. Her üç ýyldan özine berkidilen ilatyň arasynda edilen işleriň netijeleri barada welaýatyň ýa-da Aşgabat şäheriniň saglygy goraýşy dolandyryjy guramasynyň ýanyndaky kämillik derejäni kesgitleýän toparyna işini tabşyrmak.

**Maşgala şepagat uýasynyň jogapkärçiligi.**

1. Öz hünäri boýunça ýerine ýetirýän işine.
2. Näsagyň saglygyna, janyna howply ýagdaýda öz wagtynda bejeriş işleri geçirilmese we näsagyň janyna şek ýetiren bolsa.
3. Her çaga, ene ölümine, çiş hem-de inçe keseliň ötüşen görnüşlerine, dogabitdi merezýel, dogabitdi gonoblenoreýa, göwreliligi giçki wagtynda ýüze çykarylsa (12 hepdeden soň bolsa).
4. Saglygy goraýyş resminamalary alyp barylyşyna we saklanylyşyna (TSG we DSM-niň 2000-nji ýylyň №137-nji buýrugyna laýyklykda).
5. Ähli berkidilen enjamlaryna we emläklerine.

**Ministriň orunbasary** **B. SOPYÝEW.**



Ýörite www.saglyk.info üçin

*TSG we DSM-iň içki dolandyryş işleri üçin.*

Türkmenistanyň saglygy goraýyş we
derman senagaty ministrliginiň
"08" 08 2002.ý. № 115 buýrugyna
4-nji goşundy

**Maşgala lukmanynyň we feldşeriniň torbasynda gaýra-goýulmasyz kömegini bermek üçin derman, daňy serişdeleriň we saglygy goraýyş enjamlaryň sanawy:**

| | | |
|---|---|---|
| **1. Derman serişdeleriň ady :** | | **Sany** |
| 1. | Korglýukon 0,06 % ergin ml/inýeksiýa üçin ampula | 2 |
| 2. | Adrenalin 0,1% 1,0 ergin ml/inýeksiýa üçin ampula | 1 |
| 3. | Kordiamin 2 ml/inýeksiýa üçin ampula | 2 |
| 4. | Furosemid (laziks) 1% ergin 2 ml/inýeksiýa üçin ampula | 2 |
| 5. | Atropin 0,1% 1,0 ergin ml/inýeksiýa üçin ampula | 2 |
| 6. | Aminazin 2,5 % 2,0 ergin ml/inýeksiýa üçin ampula | 2 |
| 7. | Papawerin 2% ergin 2ml/inýeksiýa üçin ampula | 2 |
| 8. | Dibazol 1% ergin 5 ml/inýeksiýa üçin ampula | 4 |
| 9. | Platifillin 0,2 ergin 1,0 ml/inýeksiýa üçin ampula. | 2 |
| 10. | No-şpa 2% ergin 2 ml/inýeksiýa üçin ampula | 3 |
| 11. | Analgin 50 % ergin 1 ml/inýeksiýa üçin ampula | 4 |
| 12. | Wikasol 1% ergin 1 ml/inýeksiýa üçin ampula | 2 |
| 13. | Diazepam (seduksen) 0,5% 2,0 ergin ml/inýeksiýa üçin ampula | 2 |
| 14. | Magniýa sulfat 25% ergin 10,0 ml/inýeksiýa üçin ampula | 3 |
| 15. | Eufillin 2,4 % ergin 10 ml/inýeksiýa üçin ampula | 2 |
| 16. | Kalsii chlorid 10 % ergin 10,0 ml/inýeksiýa üçin ampula | 2 |
| 17. | Deksametazon 1 ml/inýeksiýa üçin ampula | 2 |
| 18. | Nowokain 0,5 % ergin 5,0 ml/inýeksiýa üçin ampula | 3 |
| 19. | Nartii chlorid 0,9% ergin 10,0 ml/inýeksiýa üçin ampula | 3 |
| 20. | Oksitosin 1,0 ml/inýeksiýa üçin ampula | 2 |
| 21. | Mezaton 1% ergin ampula | 1 |
| 22. | Nowokainamid 10 % ergin 5,0 ml/inýeksiýa üçin ampula | 2 |
| 23. | Werapamil 1,0 ergin. Ampula. | 1 |
| 24. | Ammiak 10% flakon | 1 |
| 25. | Dimedrol 1% ergin 1 ml/inýeksiýa üçin ampula | 3 |
| 26. | Glýukoza 40 % ergin 10,0 ml/inýeksiýa üçin ampula | 2 |
| **2. Tabletka** | | |
| 27. | Nitrogliserin 0,005 № -50 gap | 1 |
| 28. | Walidol 0,06 №-10 gap | 1 |
| 29. | Klofellin 0,00015 №-10 gap. | 1 |
| **3. Flakon** | | |
| 30. | Insulin 200 birlik | 1 fl |
| 31. | Penisillin 1,0 g. | 3 |
| 32. | Ampisillin 0,5 g. | 3 |
| 33. | Walerirananyň şerbedi. | 1 |
| 34. | Korwalol 25 ml | 1 |
| 35. | Wadorodyň perekisi 3 % 30,0 | 1 |
| 36. | Iod 5% spirt ergin 10 ml. | 1 |
| 37. | Ýaşyl brilliant spirtdäky ergin 30 ml. | 1 |
| 38. | Spirt 96% 50,0 ml. | 1 |



Ýörite www.saglyk.info üçin

| | | |
|---|---|---|
| 39. | Wazelin melhemi 30 gr. | 1 |
| 40. | Permangonat kaliýa | 1 |
| 41. | Wiprosal melhemi | 1 |
| 42. | Bor kislotasynyň spirt görnüşiniň ergini | 1 |
| 43. | Bronholitik aerozoly ( Salbutamol 12 ml ýa-da Asmopent flakon ). | 1 |
| **4. Saglygy goraýyş enjamlar.** | | |
| 44. | Katetor (peşew) | 1 |
| 45. | Rezin gruşasy | 1 |
| 46. | Rezin žgudy | 1 |
| 47. | Gaýçy | 1 |
| 48. | Skalpel | 1 |
| 49. | Hirurgiýada ulanylýan ellik | 2 |
| 50. | Göni içegäni barmak bilen barlamak üçin ellik. | 5 |
| 51. | Jübtek (pinset) | 1 |
| 52. | Şpatel | 3 |
| 53. | Termometr | 1 |
| 54. | Şpris 10,0 | 3 |
| 55. | Şpris 5,0 | 5 |
| 56. | Şpris 2,0 | 5 |
| 57. | Fonendoskop | 1 |
| 58. | Duwunçegiň ýürek urşyny diňlemek üçin stetoskop. | 1 |
| 59. | Arteriýa basyşyny ölçeýän enjam (tonometr) | 1 |
| **5. Daňy serişdeler** | | |
| 60. | Bint 7 metr 14 sm | 1 |
| 61. | Bint 5 m 7 sm | 1 |
| 62. | Gigroskopiýa pagtasy | 25 gram |

**Ministriň orunbasary** **B. SOPYÝEW.**



Ýörite www.saglyk.info üçin

-

*TSG we DSM-iň içki dolandyryş işleri üçin.*

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we
derman senagaty ministrliginiň
"08" 08 2002.ý. № 115 buýrugyna
5-nji goşundy .

**Maşgala lukmanynyň hem-de maşgala feldşeriniň berkidilen ilatyň arasynda öz işlerini amala aşyrmak üçin gollanma.**

**1. Akuşer-ginekologiýa ugry boýunça :**

1. Akuşer-ginekolog lukmany bilen bilelikde hasapda duran göwreli aýallara yzygiderli saglygy goraýyş gözegçiligini geçirmeli (sagdyn topardaky göwrelileri 28 hepdä çenli aýda 1 (bir) gezek, 28 hepdeden soň bolsa her 10 günden);
2. Dogrumdan soňky döwürde eneleri 42 güne çenli hepdede 1 (bir) gezek saglygy goraýyş gözegçiligini yzygiderli geçirmeli;
3. Dogruma ukyply aýallary ýylda 1 (bir) gezek flýuorografiýa barlagyndan hem-de ganyň, peşewiň derňewinden we ýylda 2 (iki) gezek serediliş otagynda keseliň öňüni alyş barlagyndan geçirmeli.

**2. Çagalar bilen alyp barmaly işi :**

1. Bäbegiň ilkinji saglygy goraýyş barlagyny çaga dogrulýan öýünden çykarlan gününüň dowamynda geçirmeli (newrologiki ýagdaýyny, beden agzalaryny barlamaly we endamynyň gyzgynyny ölçemeli );
2. Bäbegiň göbek ýarasynyň bitişine, fiziki we nerw-psihiki taýdan ösüşine yzygiderli gözegçilik etmeli .
3. Bir ýaşyna çenli çagaly enelere çagany (dürli aýlarda) dogry iýmitlendirmegi maslahat bermeli.
4. Çaganyň ýaşyna görä gözegçiligiň geçirilişi:

| Çaganyň ýaşy | Gözegçilik saparlary | | |
|---|---|---|---|
| | Maşgala lukmany | Feldşeri | |
| | | Ilat sany 1000 az bolsa | Ilat sany 1000 köp bolsa |
| Täze dogulan çagany 40 güne çenli | Hepdede 1 gezek | Hepdede 2 gezek | Hepdede 1 gezek |
| 40 günden –3 aýa çenli | Aýda 2 gezek | Aýda 4 (dört) | Aýda 2 (iki) |
| 3 aýdan 12 aýa çenli | Aýda 1 gezek | Aýda 2 (iki) | Aýda 1 (bir) |
| 1-2 ýaşa çenli | Çärýekde 1 gezek | Çärýekde 1 gezek | Çärýekde 1 gezek |
| 2-3 ýaşa çenli | Ýylda 2 gezek | Çärýekde bir gezek | Ýylda 2 gezek |
| 3-6 ýaşa çenli | Ýylda 2 gezek | Ýylda 2 gezek | Ýylda 2 gezek |

***Bellik:*** Çaga bir ýaşaýança her çärýegi (3,6,9,12 aýlarda) tapgyrlaýyn netije bilen jemlemeli.

5. Bir ýaşy dolýança çagany inçe hünärmenleriň (okulist, newropatolog, otolaringolog, stomatolog, hirurg, gerek bolsa ortaped) maslahatyna ibermeli hem-de ganyň we peşewiň derňewini geçirmeli;



Ýörite www.saglyk.info üçin

*Üç aýa çenli bäbegi näsaglan halatlarda öýinde bejermek gadagan edilýär (hökman hassahana ýerleşdirmeli), 3 aýdan soň öý şertlerinde Iç geçmäniň „A" görnüşini, ýiti respirator keselini bejermek rugsat berilýär (hossarlary bejergi şertlerini wagtly-wagtynda berjaý etse).*

*Eger-de bir ýaşyna çenli näsaglan çaga öý şertlerinde bejergi alýan bolsa, onda maşgala lukmany, maşgala feldşeri we maşgala şepagat uýasy günde gözegçilik etmeli (çaga sagalýança) we gatnaw depderçesinde yzygiderli gözegçilik ýazgylaryny ýazmaly.*

**2.1.Çagalara geçirmeli keseliň öňüni alyş barlaglary we derňewleri:**

- 2-6 ýaşa çenli çagalary her ýylda inçe hünärmenleriň maslahatyna ibermeli;
- ganyň we peşewiň derňewini ýylda bir gezek geçirmeli;
- täreti „mugthor-gurçuklara" barlagy ýylda bir gezek geçirmeli (günaşa üç gezek).

**2.2. Çagalary çagalar bagyna ýerleşdirilende geçirmeli barlaglary we derňewleri:**

1. Çagalar bagyna gatnamaga rugsat berilmeginden ozal çagalaryň keselleriň öňüni alyş sanjymlary almagyny gazanmaly (çaganyň ýaşyna görä kesellere garşy sanjymlaryny meýilnama boýunça ýerine ýetirmeli);
2. Ganyň we peşewiň derňewi;
3. Täreti „mugthor-gurçuklara" barlagy (günaşa üç gezek);
4. Burundan we damakdan alynan çyrşatgynyň bakterioskopiýasy;
5. Inçe hünärmenleriň (hirurg, oftalmolog, stomatolog, newropatolog, otolaringolog, immunolog) maslahatlaryndan geçirmeli;

Şolardan soň maşgala lukmany çaganyň saglyk ýagdaýy, geçiren keselleri, edilen keselleriň öňüni alyş sanjymlary, saglyk derňewleriniň netijeleri barada gatnaw bejeriş depderçesinden kepilnama doldyrmaly we bölüm müdiri möhür bilen tassyklamaly.

**2.3. Çagany mekdebe ýerleşdirilende geçirmeli barlaglary we derňewleri:**

1. Mekdebe gatnamaga rugsat berilmeginden ozal çaganyň keselleriň garşysyna sanjym almagyny gazanmaly (çaganyň ýaşyna görä kesellere garşy sanjymlaryny meýilnama boýunça ýerine ýetirmeli);
2. Ganyň we peşewiň derňewi;
3. Täreti „mugthor-gurçuklara"barlagy (günaşa 3 (üç) gezek);
4. Inçe hünärmenleriň (hirurg, oftalmolog, stomatolog, newropatolog, otolaringolog, psihiatr) maslahatlaryndan geçirmeli.
5. Barlagyň netijesinde ýüze çykarylan keselleriň bejerilmegini gazanmaly;

Şolardan soň maşgala lukmany çaganyň saglyk ýagdaýy, geçiren keselleri, edilen keselleriň öňüni alyş sanjymlary, derňewleriiniň netijeleri barada gatnaw bejeriş depderçesinden kepilnama doldyrmaly we bölüm müdiri möhür bilen tassyklamaly.

**2.4. Mekdebe gatnaýan (7-14 ýaşly) çagalara geçirilmeli keseliň öňüni alyş barlaglary:**

1. Ýylda 2 (iki) gezek maşgala lukmany we ýylda 1 (bir) gezek inçe hünärmenleri bilen bilelikde keseliň öňüni alyş barlaglary geçirmeli;
2. Ýylda 1 (bir) gezek gan, peşew derňewlerini we täreti „mugthor-gurçuklara" barlaglary geçirmeli.



Ýörite www.saglyk.info üçin

3. Barlanan çagalaryň arasynda näsaglan tapylan bolsa, şol çagany çuňňur barlamak maksady bilen anyklaýyş-maslahat beriş merkezine ibermeli.

*Çagalaryň ähli ýaşynda (0-14 ýaşa çenli) keseliň öňüni alyş barlagy geçirilende, gatnaw bejeriş depderçesinde: gyzgynyny, agramyny, boýunuň ölçegini, kelle çanagynyň, döş kapasasynyň aýlawyny, nerw-psihiki ösüşiniň görkezijilerini hem-de ähli beden agzalarynyň ýagdaýyny belläp geçmeli. Barlagynyň netijesinde kesel tapylan bolsa inçe hünärmenleriň maslahatyna ibermeli.*

Maşgala lukmanynyň meýdançasynda göwreli aýal ýa-da bir ýaşyna çenli çaga göçüp giden bolsa, maşgala lukmany göwreliniň ýa-da çaganyň saglyk ýagdaýyny depderçesinde görkezip, Saglyk öýiniň ýolbaşçysyna (ŞSÖ- direktoryn bejeriş işleri boýunça orunbasaryna, OSM-de ýa-da OSÖ-de-direktoryň ilkinji saglygy goraýyş kömegi boýunça orunbasaryna) tabşyrmaly.

**3. Oftalmologiýa ugry boýunça .**

1. Göwreli aýallary oftalmolog lukmanynyň maslahatyna çagyrmaly;
2. Ýylda 1 (bir) gezek mekdepde okuwçylaryň we berkidilen ilatynyň arasynda Golowina-Siwsew jetwelinden gözüniň ýitiligini barlamaly (0,8 pes görýän raýatlary inçe hühärmeniň maslahatyna ibermeli);
3. Mekdepde okuw ýylyň başynda maşgala şepagat uýasy bilen bilelikde pes görýän çagalary hatarlar boýunça oturtmaly (0,3-0,6 afakiýa, gözüň refraksiýasynyň anomaliýasy keselleri boýunça).

**4. Otolaringologiýa ugry boýunça :**

1. Göwreli aýallary otolaringolog lukmanynyň maslahatyna çagyrmaly.
2. Ýylda 1 (bir) gezek mekdebe gatnaýan çagalaryň we berkidilen ilatynyň arasynda eşidiş ukybyny barlamaly (pes eşidýän raýatlary inçe hünärmeniň maslahatyna ibermeli);
3. Mekdepde okuw ýylyň başynda maşgala şepagat uýasy bilen bilelikde pes eşidýän çagalary hatarlar boýunça oturtmaly.

**5. Neýrohirurgiýa we newrologiýa ugry boýunça :**

1. Göwreli aýallary newropatolog lukmanynyň maslahatyna çagyrmaly;
2. Ýylda 1 (bir) gezek mekdebe gatnaýan çagalaryň we berkidilen ilatynyň arasynda nerw kesellerini ýüze çykarmak üçin saglygy goraýyş barlagyny geçirmeli;

**6. Ýetginjekleriň (15 ýaşy dolan wagtyndan - 18 ýaşy dolýança) arasynda :**

1. Ýylda 2 (iki) gezek keseliň öňüni alyş barlagyny geçirmeli;
2. Ýylda 1 (bir) gezek inçe hünärmenleriň (okulist, hirurg, newropatolog, stomatolog, otolaringolog) maslahatyndan geçirmeli;
3. Ýylda 1 (bir) gezek gan, peşew derňewini we flýuorografiýa barlagyny geçirmeli;
4. 15-16 ýaşyň arasynda ganyň toparyny we Rh-faktoryny barlap kesgitlemeli;
5. Ýetginjekleri ýylda 1 (bir) gezek zerurlygy ýüze çyksa «Ýetginjek merkezine» maslahata ibermeli .



Ýörite www.saglyk.info üçin

**7. Immunologiýa ugry boýunça:**

1. Keselleriň öňüni alyş sanjymlarynyň meýilnamasyny TSG we DSM-niň buýruklarynyň esasynda düzmeli we ýerine ýetirmeli;

**8. Inçekesel (ftiziatriýa) ugry boýunça:**

1. Inçekeseli ir döwründe anyklmak üçin ýylyň dowamynda ilkinji gezek ýüz tutan näsaglary R-grafiýa ýa-da flýurografiýa barlagyndan geçirmeli (6 aýyň dowamynda R-grafiýa ýa-da flýurografiýa barlagy geçirilmedik bolsa);
2. Psihiki kesellileri, arakhorlary, neşekeşleri, süýji kesellileri, öýkeniň könelişen keselli, köp wagtlap kortikosteroýid derman serişdesini ulanýan we inçekeselli näsaglar bilen aragatnaşyk saklan raýatlary R-grafiýa ýa-da flýurografiýa barlagyndan geçirmeli we gerek bolsa gakylygyny bakterioskopiýa barlagyna hem-de ftiziatr lukmanynyň maslahatyna ibermeli;
3. Çagalarda Tuberkulin (sanjym) barlagdan soň ýokary duýujylygy anyklanan bolsa (0,5 san. uly bolsa) bellenilen tertipde ftiziatr lukmanynyň maslahatyna ibermeli;
4. Kabul eden wagtynda näsagda inçekesel barada şubhe dörän bolsa gakylygyny bakterioskopiýa barlagyna we ftiziatr lukmanynyň maslahatyna ibermeli;
5. Tussaglykdan boşadylan raýatlary R-grafiýadan we gakylygyny bakterioskopiýa barlagyndan geçirip, ftiziatr lukmanynyň maslahatyna ibermeli;
6. Inçekesele garşy göreşi TSG we DSM-niň buýrugyna laýyklykda amala aşyrmaly.

**9. Deri-wenerologiýa ugry boýunça :**

1. Jyns gatnaşygy arkaly geçýän keselleri ir döwründe anyklamak (dogabitdi merezýel keseliniň öňüni almak) maksady bilen göwreli aýallary TSG we DSM-niň hereket edýan düzgunnamasyna laýyklykda (gany Waserman reaksiýasyna, çyrşytkynyň mikroskopiýasyna) barlaglardan geçirmeli;
2. Ýylda 1 gezek berkidilen ilatyň arasynda deri keselleriň öňüni alyş barlaglaryny (dermatomikoz, gijilewük, bitleme, deri-leýşmanioz, deriniň iriňli keselini anyklamak üçin) geçirmeli;
3. Ilatyň arasynda sagdyn ýaşamagy hem-de sagdyn durmuşyň ähmiýeti barada düşündiriş işlerini, ýetginjekleriň arasynda jyns gatnaşygy üsti bilen geçýän keselleri we şol keselleriň ýaýrama ýollary, keseliň nämä getirjekdigi barada gürrüňler geçirmeli;

*Raýatlaryň barlag netijeleri kadadan üýtgän bolsa (Waserman reaksiýasy, çyrşytkada leýkositoz, kömelek, dermatomikoz, gijilewük, deri-leýşmanioz, deriniň-iriňli keselleri) hökmany suratda deri-wenerolog lukmanynyň (ýoldaşy bilen) maslahatyna ibermeli we bejeriş işleriniň geçirilmegine gözegçilik etmeli (hassahanadan çykaryş hatyny näsaglardan talap etmeli).*

**10. Onkologiýa ugry boýunça :**

1. Berkidilen ilatyň arasynda öz-özüňi çiş kesellerinden öňüni alyş barlaglary we nähili (süýt we limfoýid mäzlerini, derini, agyz boşlugyny) dogry geçirilişi barada, sagdyn ýaşaýyş durmuşy barada wagyz-nesihat işlerini geçirmeli;
2. Onkolog lukmany bilen bilelikde gözegçiliginde duran çiş keselli näsaglara (agyr näsaglara öýüne baryp) bejeriş işlerini geçirip, yzygiderli gözegçilik etmeli .



Ýörite www.saglyk.info üçin

**11. Stomatologiýa ugry boýunça :**

1. Göwreli aýallary stomatolog lukmanynyň maslahatyna çagyrmaly;
2. Çagalaryň arasynda agyz boşlugyny gigiena tarapyndan dogry saklamak barada düşündiriş işleri geçirmeli;
3. Zyýanly endikleriň we olaryn saglyga nähili zyýan getirýändikleri barada düşündiriş işlerini hem-de ol endikleriň öňüni alyş çärelerini geçirmeli;
4. Üç ýyldan 1 (bir) gezek ilatyň arasynda stomatolog lukmany bilen bilelikde keseliň öňüni alyş işleri geçirmeli;
5. Çagalaryň arasynda dogabitdi diş-äň anomaliýany ir wagtynda anyklamaly we degişli hünärmeniň maslahatyna ibermeli.

**12. Sanitariýa-epidimiologiýa we saglygy „wagyz-nesihat" etmek ugry boýunça:**

1. Ilatyň arasynda näsagyň we 1 (bir) ýaşyna çenli çaganyň öýüniň şerti bilen tanyşyp, arassaçylygy, dogry iýmitlendirilişi barada düşündiriş işlerini geçirmeli;
2. Kabul edilýän bölüminde sanitariýa-epidemiologiýa düzgünlerini doly berjaý etmegi, aseptiki we antiseptiki şertlerini ýerine ýetirmegi, saglygy goraýyş enjamlary sterilizasiýa ýagdaýlarda saklanmagy (sanjymdan soňky agyrlanmagy, AIDS, wirusly gepatitiň B, D, C görnüşleri) tassyklanan hereket edýän buýruklar we düzgünnamalar boýunça amala aşyrmaly.

**Ministriň orunbasary** **B. SOPYÝEW.**



Ýörite www.saglyk.info üçin

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we
derman senagaty ministrliginiň
"08" 08 2002.ý. № 115 buýrugyna
6-njy goşundy .

**Maşgala şepagat uýasynyň (doganynyň) berkidilen ilatyň arasynda öz işlerini amala aşyrmak üçin gollanma.**

**1. Akuşer-ginekologiýa ugry boýunça :**

1. Maşgala lukmany bilen bilelikde hasapda duran göwreli aýallara yzygiderli saglygy goraýyş gözegçiligini geçirmeli (sagdyn topardaky göwrelileri 28 hepdä çenli aýda 2 (iki) gezek, 28 hepdeden soň bolsa her 5 günden);
2. Göwrelileri inçe hünärmenleriň maslahatyna çagyrmaly;
3. Dogrumdan soň eneleri 42 güne çenli hepdede 2 (iki) gezek saglygy goraýyş gözegçiligini yzygiderli geçirmeli;
4. Doguma ukyply aýallary ýylda 1 (bir) gezek flýurografiýa barlagyndan hem-de ganyň, peşewiň derňewinden we ýylda 2 (iki) gezek serediliş otagyndan keseliň öňüni alyş barlaglardan geçirmek üçin çagyrmaly.

**2. Çagalar bilen alyp barmaly işi :**

1. Bäbegiň göbek ýarasyny, gözüni, deri örtügini we agyz boşlugyny arassalamaklygy başarmaly;
2. Çaganyň fiziki taýdan ösüşine yzygiderli gözegçilik etmeli .
3. Dürli ýaşyndaky çagalary dogry iýmitlendirmäni maslahat bermeli;
3. Çaganyň ýaşyna görä gözegçiligiň geçirilişi:

| Çaganyň ýaşy | Maşgala şepagat uýasynyň (doganynyň) gözegçilik saparlary |
|---|---|
| Täze dogulan çagany 40 güne çenli | Hepdede 2 gezek |
| 40 günden –3 aýa çenli | Aýda 4 (dört) gezek |
| 3 aýdan- 6 aýa cenli | Aýda 2 (iki) gezek |
| 6 aýdan 12 aýa çenli | Aýda 1 (bir) gezek |
| 1-2 ýaşa çenli | Çärýekde 1 (bir) gezek |
| 2-3 ýaşa çenli | Çärýekde 1 (bir) gezek |
| 3-6 ýaşa çenli | Ýylda 2 (iki) gezek |

4. Bir ýaşy dolýança çagany inçe hünärmenleriň maslahatyna we laborator barlaglaryna çagyrmaly.

**2.1.Çagalara geçirmeli keseliň öňüni alyş barlaglary we derňewleri :**

- 2-6 ýaşa çenli çagalary her ýylda inçe hünärmenleriň maslahatyna çagyrmaly;
- ganyň we peşewiň barlagyny ýylda bir gezek geçirmeli;
- täretiň „mugthor-gurçuklara" barlagyny ýylda bir gezek geçirmeli (günaşa üç gezek).

**2.2. Mekdebe gatnaýan (7-14 ýaşly) çagalaryň keseliň öňüni alyş barlaglary:**

- Ýylda 2 (iki) gezek maşgala lukmanynyň we ýylda 1 (bir) gezek inçe hünärmenleriň maslahatyna çagyrmaly;



Ýörite www.saglyk.info üçin

- ganyň we peşewiň barlagyny ýylda bir gezek geçirmeli;
- täretiň „mugthor-gurçuklara" barlagyny ýylda bir gezek geçirmeli (günaşa üç gezek).

*Çagalaryň ähli ýaşynda (0-14 ýaşa çenli) keseliň öňüni alyş barlagy geçirilende, gatnaw bejeriş depderçesinde: gyzgynyny, agramyny, boýunuň ölçegini, kelle çanagynyň, döş kapasasynyň aýlawyny we ösüşiniň görkezijilerini belläp geçmeli. Barlagynyň netijesinde kadalardan ütgeşmeler tapylan bolsa maşgala lukmanynyň maslahatyna çagyrmaly.*

Berkidilen meýdançasynda göwreli aýal, bir ýaşyna çenli çaga göçýän ýa-da göçüp gelen bolsa tiz bilen maşgala lukmanyna habar bermeli.

**3. Ýetginjekleriň (15 ýaşy dolan wagtyndan - 18 ýaşy dolýança) arasynda :**

1. Ýylda 2 (iki) gezek keseliň öňüni alyş, ýylda 1 (bir) gezek gan, peşew derňewine we flýuoragrafiýa barlagyna çagyrmaly;
2. 15-16 ýaşyň arasynda ganyň toparyny we Rh-faktoryny bilmek üçin barlagyna çagyrmaly;

**4. Immunologiýa ugry boýunça:**

1. Keselleriň öňüni alyş sanjymlarynyň meýilnamasyny TSG we DSM-niň buýruklarynyň esasynda düzmeli we ýerine ýetirmeli.

**Ministriň orunbasary** **B. SOPYÝEW.**



Ýörite www.saglyk.info üçin

*TSG we DSM-iň içki dolandyryş işleri üçin.*

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we
derman senagaty ministrliginiň
"08" 08 2002.ý. № 115 buýrugyna
7-nji goşundy .

**Şäherçeleriň, etrapçalaryň ilatyň köpçülikleýin ýaşaýan ýerlerinde Maşgala lukmanynyň saglygy goraýyş nokadynyň gurluşy.**

1. Maşgala lukmanynyň kabul ediş otagy.
2. Maşgala lukmanynyň näsagy barlagy geçirýän otagy.
3. Sanjym otagy.
4. Keselleriň öňüni alyş sanjymlary geçirilýän otagy.
5. Hojalyk otagy.

**Bellik:** döredilen maşgala lukmanynyň saglygy goraýyş nokadynyň otaglary sanitariýa-epidemiologiýa düzgün-kadalaryna laýyk bolmaly.

**Ministriň orunbasary** **B. SOPYÝEW.**



Ýörite www.saglyk.info üçin